# Iki lider!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iki lider! IKI LIDER!




Şu dünýäde «iňsoňy iki lider bolup galdyk, bir men, beýlekisi Putin» diýmeginiň özüne deňleriň arasyndaky biçäreligiň alamaty saýsa bolar. Gözi ganly diktator Esad ýurduny taşlap gaçandyram welin, «bu iku lider Esad gaçanda» onuň arkasyndadylar.
* * *

Putin! Onuň howandarydy.
Erdogan! Oňa elini uzadypdy.
Ikisi-de Esadyň goşunyny, ýurduny, döwletini, halkynh taşlap gaçjagyny aňşyrmadylar. Orta Gündogaryň ykbaly şu iki lidere galan bolsa-ha, onda işimiz gaýdypdyr!
Prosedura diýýänleri: Esadyň galmagydy.
Astanadaky forumlar Esadyň Siriýanyň başynda galmagynyň we içerki çaknyşyklary soňlandyrmagyň meselelerine bagyşlanyp

geçirilýän eken.

* * *

Siriýa goşuny duw-dagyn halda ýeke ok atmazdan gaçyp barýarka, Halap, Hama, Humus ýekän-ýekän elden gidende we Esady agdarmak islänler Şamyň üstüne ýörände iki lideriň daşary işler ministrleri 30-njy noýabrda telefon arkaly gepleşik geçiripdi: «Astana prosedurasynyň talaplaryny ýerine ýetireliň» kararyna gelipdiler.

bir

* * *

Astana!
Esada wintli Siriýady. Iki lideriň ikisem, iki ýurdyň daşary işler ministri-de Esadyň 7-nji dekabr gijesi köşgüni taşlap gaçjagyny bilmediler.
Öňünden çaklamadylar. Dünýäden habarlary ýokdy.

* * *

Türkiýäniň Daşary işler ministri bilen Eýranyň Daşary işler ministri duşuşyp: «Esadyň başynda oturan Siriýasyny nädip gorap bileris?» diýip maslahat edenlerinde, iki liderden biri bu duşuşykdan bir gün öň Esady agdarmakçy bolýanlaryň «Ugurlary Şama tarap» diýdi.
Hawa, dogry. Ol Şamyň elden gitjegini bildi, emma şondan iki hepde öň Esada elini uzadanam onuň özidi.

* * *

Hakykatyň üstüni örtüp bolmaýar. Esadyň režimi ganlydy. Ol ahyrsoňunda çökmelidi. Çökübem dyndy.
Esadyň garşydaşlary siriýa halkynyň aglaba bölegininiň goldawyny alýandygy üçjn Şama üçýyldyzly baýdaklaryny dikip bildiler.
Siriýanyň günbataryny eýelediler. Siriýanyň gündogary ABŞ-nyň goragyndaky PÝD-ÝPG toparyna galdy.
Siriýa bölündi. Beýik Orta Gündogar meýilnamasynyň (BOGM)

maksady-da şody. Iki lider bir bolup «BOGM-nyñ maksadyny püçege çykaryp» bilmediler.

* * *

Mundan soñ Siriýada üç ýyldyzly baýdagy Şamda dikenleriñ ilki öz aralarynda birleşip, soñam ýene gyrda-pyçak boljaklarydyr.
Siriýa diýilýär muña! Siriýa taryhynda akýan ganyñ damarda duran wagty ýok.

* * *

Her dürli halkyñ, diniñ, mezhebiñ, ideologiýanyñ, medeniýetiñ jemlenen ýurdy.
Birleşmeleriñ soñy hemişe bölünişiklere, dostluklaryñ soñy hemişe hyýanata ýazdy. Siriýa haosyñ amatly pursat peýläp ýatan ýurdy.

* * *

Siriýada eline ýarag alanlar bilen olary daşardan dolandyryp biri-birine gyrdyrýanlaryñ «munça döken ganyñyz ýeterlik bor» diýmekleri üçin güýçli, demokratik, medeni, sazlaşykly, zamanabap Siriýany gurmaly bolar.
Bular ýaly maksat! Henuz ýok. Gözýetim garañky.

* * *

Dek düýnem gyrda-pyçak bolup ýörenler «Ganly diktator Esady bilelikde agdardyk», indi agzybir bolalyñ. Güýçli, demokratik, medeni, sazlaşykly, zamanabap Siriýany özümiz guralyñ, bizi daşardan dolandyrýanlary-da Siriýadan kököni köwläp zyñalyñ diýip bilerlermikä?
Görübereris. Her agajyñ gurçugy öz içinden döreýär.

* * *

Iki lideriñ biziñkisi siriýa syýasatynda san-sajaksyz ýalñyşlyklary goýberdi. Russiýa bilen Eýranyñ Siriýada Esada gönükdiren pozisiýalaryny öñünden çaklap bilmedi.

Esad taşlady gitdi. Iki lider galdy.
Biri: Esadyñ howandarydy, beýlekisi: El uzadyjysydy.

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.12.2024 ý. Publisistika